# Gorkunç gün bolar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gorkunç gün bolar GORKUNÇ GÜN BOLAR



*Milisiýalar ýeňýär, «goşunlarymyz» ejizleýär, uzaklaşýar, izolirlenýär.*
*Illýustrasiýa: Maýkl Ostin*
Sowet döwründe Moskwada polisiýa «milisiýa» diýlendigini bilenimde geň galypdym.
Gök harby lybasly we başgaby gyzyl ýüpjagazly horaşaja adamam bolsa, ol bu uruşlarda resmi däl, jogapkärçiliksiz, duşmanlaryna we halkyna erbet çemeleşýän toparlara berilen ady göterýärdi.
2011-nji ýylda dünýäniň ähli ýurtlary ýaly Russiýa gaýtadan polisiýa adyny ulanmaga başlady. Bu ýagdaý aýratynam ruslar üçin gowy täzelik boldy.
Milisiýalar uruşda, haosda, döwletleriň dargaýan wagtlarynda

orta çykýar. Düzülişlerine esasan umumy haos, agressiýa, bikanunçylyk şertleri we adamlaryñ howpsuzlygynyñ we adaty durmuşynyñ bozulmagy ýaly ýagdaýlar sebäp bolýar.
Halklaryñ we ýurtlaryñ durmuşyndaky bu tapgyrlary iñ köp häsiýetlendiren ýagdaý aýdylanlaryñ agressiwligi we aragatnaşykdaky agsamadyr.




Adamlar pes adamlaryñ we topbaklaryñ öñünde masgaralanar. Režimiñ adamlary howp-haýbat, gorkuzma, hapalyklar bilen bir hatarda adaty wagtlarda masgaraçylykly, ýüz gyzardyjy, aýyplaýjy zatlar bilen öwünerler.
Şu günlerde sosial mediýa serişdelerine agalyk edýän dilem milisiýalaryñ, agressiw we terror toparlarynyñ ruhuny görkezýär.
Bu bihaýalyk bir bölümi bilen agressiýadanam has masgaraçylykdyr.
Habar beriş serişdeleri geçmişde-de beýle etiki we serpikdirijilikden mahrum ýollara gyşarardy, ýöne ahyrynda haýsam bolsa bir temmi çäresini alardy, hasap soralardy ýa-da sosial jogapkärçiligiñ öñünde durmaly bolardy.

Aragatnaşyk barada aýdanda bolsa, ýarag bilen galam birdir. Lakamyň aňyrsyna bukulan kişi hapa hakykatlaryň bolýan döwründe näme ýazýandygyny bilýär.
Ýurtlaryň özlerini milisiýalaryň düzgünlerine, olaryň täsirine, tokaýlaryna we garaňky plýažlaryna tabşyrandyklaryny gowy bilýär.
Milisiýalardan kim we haýsy kanuna ýa-da däp-dessura görä hasap soraýar?

КНИГА 1

М.Б. Смоленский

# МИЛИЦЕЙСКИЕ ИСТОРИИ

## МИНИАТЮРЫ







Невыдуманные рассказы
о милиции и без милиции

Şonsuzam ejiz ýa-da näsag ruhlara näçe zyýanlaryñ

berilýändigini kim bilýär?
Bu betbagtlygyň çagalarymyzyň we ýurdumyzyň geljegine näme edýändigini duýamzogam.
Bu köçe dili umumylaşyp öýleriňem dili bolup biler.
Milisiýalar ýeňýär, «goşunlarymyz» ejizleýär, uzaklaşýar, izolirlenýär.
Yrakda «Haşdi Şabiniň» gürrüňini etmek indi adaty ýagdaýa öwrüldi we halkara söwda gämileruniň suwlarymyzda hüjüme uçramasy her gün görýän kartinamyza öwrüldi.
Milisiýalaryň özlerini taýýarlanlaryň garşysyna öwrülen güni gorkunç gün bolar.
Kaddafiniň dünýä ýüzüne eden gowulyklarynyň birem liwiýa goşunynyň ýerine komitet güýçlerini geçirmegidi.
Goşun häzirem ýok, Liwiýa ýok we ony gaýdyp almak ugrundaky her synanyşyk komitetleriň mirasy arasynda şowsuz tamamlanýar.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Ýekşenbe, 21.04.2024 ý. Publisistika